# Kosmosdan gelen demir adam

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kosmosdan gelen demir adam KOSMOSDAN GELEN DEMIR ADAM

*"Butparazlar butdan alsa myradyn…"*
*Magtymguly Pyragy.*

Germaniýaly alymlar 1938-nji ýylda Tibetden tapylan we nemes faşistleri tarapyndan Ýewropa getirilen Budda heýkeliniň mundan 10 müň ýyl owal Mongoliýa düşen meteoritden ýasalandygyny anykladylar.
Meteorite aýbogdaşyny gurup, çep elinde heniz nämedigi anyklanmadyk närse saklap duran adamyň keşbi oýulyp çekilipdir.
Şekiliň kükreginde bolsa Buddizmde şowlulygyň nyşany bolan gamaly haç bar. Gamaly haç soňra nemes faşistleriniň nyşanyna öwrülipdi.
“Meteoritics & Planetary Science” žurnalynda neşir edilen ylmy makalada "Demir adam" diýip atlandyrylan heýkeliň VIII-X asyrlara degişlidigini öňe sürülýär.
Demir adam ariýa jynsynyň gelip çykyşyny öwrenmek üçin ugradylan zoolog we etnolog Ernst Şefer tarapyndan 1938-nji ýylda Tibetde tapylyp, Germaniýa getirilipdi. Heýkel soňra bir kolleksioner tarapyndan satyn alyndy. Ştutgart uniwersitetinden Elmar Baçer heýkeli öwrenmäge kolleksionerden idin aldy.
Heýkelden alynan bölekler boýunça geçirilen barlaglar heýkeliň ataksit meteoritinden ýasalandygyny ýüze çykardy. Ataksit meteoritiň düzüminde ýokary mukdarda nikel bar. 24 santimetr uzynlykdaky we 10,6 kg agyrlykdaky Demir adamdan alynan gyryndylaryň himiki ekspertizasy daşyň Sibire we Mongoliýa düşen meteoritler bilen birmeňzeşligini ýüze çykardy.
Heýkel buddizm dininiň hudaýy Waýsrawana degişlidir öýdülýär. Baýlygyň hudaýy Waýsrawana köplenç elinde baýlygy alamatlandyrýan limonly ýada gapjykly suratlandyrylýar.

Birnäçe medeniýetde meteoritler bezeg enjamlaryny ýa-da pyçak ýasamak üçin ulanylandygy hem-de antiki siwilizasiýalarda meteoritlere çokunmagyñ giñden ýaýrandygy mälim. Emma "Demir adam" häzire çenli meteorite oýulyp ýasalan adamyñ ilkinji keşbidigi üçin taryhy gymmaty uludyr.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar